# Keramatly / fantastiki hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Keramatly / fantastiki hekaýa KERAMATLY

Gadyrly okyjylar!
Häzir men Osakada. Şonuñ üçin ýerli rowaýatlardan birini aýdyp bereýin.
Gadym zamanda bir adam ýaşapdyr. Ol işe girmek üçin Osaka şäherine gelipdir. Onuñ doly adyny bilýän ýok, ýöne obadan gelip işe girmek isleýändigi üçin oña Gonske diýipdirler.
Işe ýerleşdirýän edaranyñ gapysyndan ätlän Gonske uzyn müşdikli şybygyny sorup, burugsap oturan emeldara ýüzlenipdir:
– Jenap emeldar, meniñ keramatly bolasym gelýär. Meni nirede keramatly edip bolýan bolsa, şol ýere işe ýerleşdiriñ.
Bu talaby eşiden emeldar, edil dilini ýuwdan ýaly, bir sözem aýdyp bilmän, gözüni tegeläp Gonskä seredipdir.
– Jenap emeldar, eşidýäñizmi, meñ keramatly bolasym gelýär, maña laýyk iş tapyp bermegiñizi haýyş edýärin.
Emeldar ahyry özüne gelipdir-de şybygyny sorup:
– Ýüregim bilen gynanýan, ýöne biziñ edaramyz henize çenli kimdir birini keramatlylyga işe ýerleşdirmändi. Belki, siz başga edara ýüz tutarsyñyz? – diýipdir. Emma Gonskä nägilelik bilen bir aýagyny beýkeki bir aýagynyñ beýleki dyzynyñ üstüne atyp:
– Siz bir zady-ha bulaşdyrýañyz. Siz näme öz edarañyzyñ girelgesindäki ýazgyny okañyzokmy? O ýazgyda "Islän işiñize ýerleşdirýäris" diýip ýazylypdyr. Eger "islän işiñize" diýip ýazan bolsañyz, siz islenen işe ýerleşdirmäge borçlusyñyz. Ýa-da siz ony adamlary aldamak üçin ýazdyñyzmy?
Hakykatdan hem bir tarapdan seretseñ, Gonske nägile bolmaga doly haklydy. Emeldar özüni aklamaga howlugypdyr:
– Ýok, biziñ ýazgymyzda ýalan ýa aldawçylyk ýokdur. Size isleýän işiñizi tapyp bermegimizi isleýän bolsañyz, onda ertir aýlanyp görüñ. Biz bolsa ertire çenli sorag-ideg edişdireli, belki, bir laýyk ýer tapylar.

Emeldar ýagdaýdan çykalga tapman, niçigem bolsa wagt utmak maksady bilen Gonskäniň talabyna boýun bolsa-da, keramatly bolunýan işi nireden tapsyn? Başa düşen musallaty ugradan emeldar näderini bilmän, golaýdaky goňşusynyň öýüne barypdyr. Düşen gününi gürrüň beren emeldar lukmandan:
– Men nätsemkäm? Siz keramatly bolmagy öwredýän işi bilýän-ä dälsiňiz? – diýip sorapdyr.
Beýle sowala, elbetde, lukman hem näme jogap berjegini bilmändir. Ol gollaryny döşüniň üstünde çilşirip, daş işikdäki arça agajyna tiňkesini dikip oturypdyr. Şol wagt gürrüňe lukmanyň "Garry tilki" adyny alan aýaly goşulypdyr. Ol:
– Siz ony bize iberiň. Ol biziň öýümizde iki-üç ýylyň içinde keramatly bolmak üçin nähili bolmalydygyny öwrener – diýip emeldary ynandyrypdyr. Emeldaryň guşy uçupdyr:
– Aý, goýa! Meniň size gelenim gowy bolaýypdyr. Size ak ýüregim bilen minnetdar. Men hemişe-de lukmanlar bilen keramatlylaryň arasynda bir ýakynlygyň bardygyny duýýardym.
Emeldar yzly-yzyna baş atyp çykyp gidipdir.
Myhmany ugradan lukman aýalyna azgyrylypdyr:
– Sen näme agzyňa gelenini samrap otyrsyň? Sen ol oba adamsynyň bizde birnäçe ýyl bolandan soň "Keramatly bolmadym" diýip, nähili gopgun turuzjagyny bilýäňmi?
Emma "garry tilkiniň" azaryna-da dälmiş. Ol göwnübir ýaly:
– Gowsy, gapylyp otursana. Seniň ýaly dogruçyl akmak bilen bir käse tüwä ýeter ýaly pulam gazanyp bolasy ýok – diýip, ernini syrtardypdyr.
Ertesi, gepleşişleri ýaly, Gonske emeldaryň yzyna düşüp, lukmanyň öýüne gelipdir. Egninde ýüzi tugraly haori barmyş. Megerem, Gonske ilkinji gezek tanyşmaga geleňde şeýle geýinmelidir öýdendir. Ol bu lybasda-da daýhandan sähelçe-de tapawutlanmaýan-da bolsa muňa hiç kim garaşmadyk bolarly. Lukman oňa, alys ýurtdan getirilen ýabany haýwana sereden ýaly, gözüni aýyrman seredipdir. Ol Gonskäniň gözüne göni bakyp:
– Siziň keramatly bolasyňyzyň gelýänini eşitdik. Nä sebäpden sizde beýle isleg döredi? – diýip sorapdyr.
– Ullakan sebäp ýok. Ýöne bir gezek Osak köşgüne seredip

içimden "Hatda Toýotomi Hideýosi ýaly meşhur adamlar hem ahyrsoňy ölýärler. Diýmek, adamyň bitiren işleri näçe ägirt bolsa-da ol hem barybir ölýär" diýip, pikir etdim.
— Onda sen keramatly bolmak üçin islendik işi etmäge taýýar-da, şeýlemi? — diýip, lukmanyň mekir aýaly söze goşulypdyr.
— Hawa, men keramatly bolmak üçin islendik işi etmäge razy.
— Onda sen ýigrimi ýyl meniň hyzmatymy et, iň soňky ýyl bolsa men saňa keramatly bolmagy öwredeýin.
— Aý, ýoga? Siziň çynyňyzmy? Men nähili bagty getiren adam. Size köp-köp minnetdar.
— Ýöne sen ýigrimi ýyllap gara şaýam alman, meniň hyzmatymy edersiň.
— Bolýar, bolýar. Men razy!
Şol günden başlap, Gonske ýigrimi ýyllap lukmanyň içersiniň hyzmatyny edipdir. Suw çekýär, odun aýyrýar. Nahar bişirýär. Öýi, howlyny syrýar, süpürýär. Bu işleriň üstüne lukman oňa-muňa çagyrylanda onuň dermanly gutusyny hem göterip yzyndan galmaýar. Hyzmatlary üçin bolsa ýeke köpük hem talap etmeýär. Beýle hyzmatkäri tutuş Ýaponiýany sökseň hem tapmarsyň.
Ahyry ýigrimi ýyl hem geçýär. Gonske edip ilkinji gündäki ýaly tugraly haorisini geýip, hojaýynlaryň gaşyna barýar. Ol uly hormat bilen ýigrimi ýylyň içinde ähli edenleri üçin öý eýelerine minnetdarlyk bildirip, şeýle diýýär:
— Indi bolsa, wadalaşyşymyz ýaly, maňa keramatly ~ garramaýan, ölmeýän keramatlylaryň biri bolmagy öwretseňiz.
Gonskäniň talaby lukmany kyn hala salypdyr. Ol hyzmatkäre näme jogap berjegini bilmändir. Ýigrimi ýyllap hyzmatyndan mugt peýdalananyňdan soň, oňa "Keramatly bolmagy öwredip bilemizok" diýjekmi? Lukman:
— Keramatly bolmagyň syryny men däl, aýalym bilýär. Goý, olam saňa öwretsin — diýäýmekden başga çykalga tapmaýar. Ol şeý diýipdir-de ýüzüni gapdala sowupdyr. Aýalynyň welin, azaryna-da dälmiş.
— Ýeri bolýar, men saňa keramatly bolmagy öwredeýin, ýöne näçe kynam bolsa, aýdanlarymyň gylyny gyşartman etmelisiň. Eger birini etmeseň, keramatly bolmaga däl, ýene-de ýigrimi ýyllap hiç tölegsiz hyzmatymda durmaly bolarsyň. Ýogsa, elhenç jeza

uçrap ölersiñ.
– Men taýýar! Näçe kynam bolsa, ähli aýdanlaryňyzy birme-bir ýerine ýetirjek bolaryn.
Gonske durky bilen begenip, özüne berlen buýruga garaşypdyr.
– Onuñ ýaly bolsa, hol agajyñ depesine dyrmaş! – diýip, howluda ösüp oturan arça agajyny görkezen. "Garry tilki" Gonskäniñ agaja dyrmaşyşyny, eýwanda duran ýerinden ellerini bykynyna urup synlapdyr. Elbetde, ol keramatly bolmagyñ syryny bilmeýärdi. Ol Gonskänoñ boýun gaçyrjak kyn işini tapjak bolýardy. Şeýdibem ony ýene ýigrimi ýyl gapysynda gul edinmek isleýärdi. Gonske bolsa onuñ buýrugyny eşidenden beýik agaja dyrmaşmaga başlapdyr.
– Ýokaryk! Entegem ýokaryk! – diýip, aşakdan lukmanyñ aýaly gygyrypdyr. Gonske bolsa ikirjiñlenmän, gitdigiçe ýokaryk dyrmaşypdyr. Gonskäniñ tugraly haorisiniñ syýlary beýik arçanyñ çürbaşynda pasyrdaýardy.
– Indi sag eliñi goýber!
Gonske ähli güýji bilen arçanyñ ýogyn şahasyndan ýapyşyp, ýuwaşlyk bilen sag eliniñ barmaklaryny ýazypdyr.
– Indi sol eliñi hem goýber!
– Duraweri! – diýip, lukman allaniçigsi seslenipdir. – Ol sol elinem goýberse, ýere patlap gaçar ahyryn. Ýer bolsa durşuna gyýçak daş. Ol gürrüñsiz öler.
– Öz işiñ bilen bol, burnuñy sokma! Sol eliñi hem goýber-dä!
Lukmanyñ aýaly şeý diýen badyna Gonske ähli ruhy güýjüni jemläp, sol elini hem goýberipdir. Her näme diýseñem, beýik agajyñ çürbaşyna çykan adam iki elini hem goýberse, onuñ ýykylmajakdygyna ynanmak kyn. Hakykatdan-da şol bada tugraly haorili Gonskäniñ göwresi agaçdan üzülipdir. Emma agaçdan arany açan Gonske aşak gaçaryn diýip pikir hem etmändir. Ol täsin görnüşde dury asman bilen zeminiñ arasynda edil "dzýoruri" spektaklynyñ gurjaklary ýaly doñup galaýypdyr.
– Siziñ aladalaryñyz bilen keramatlylaryñ hataryna goşulanyma çäksiz minnatdar.
Gonske sypaýy baş atyp, şu sözleri aýdandan soñ, mawy asmanyñ ýüzünde arkaýyn ýöräp gidiberipdir. Ol gitdigiçe uzaklaşa-uzaklaşa ahyry hem bulutlara garylyp, gözden ýitip

gidiberipdir.
Soñ lukman bilen aýalyna näme bolanyny bilýän ýok. Olaryñ howlusyndaky arça agajy bolsa gaty köp ýaşapdyr. Aýdyşlaryna görä, hut Tasugoro Ýodoýa bu dört gurjak ýogynlygyndaky äpet agajy üstüni gar örtende söýünç bilen synlamak üçin öz bagyna äkidipdir.

1922.

Akutagawa RÝUNOSKE. Mistika we fantastika